# Indiki stansiýa «Kämillik»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Indiki stansiýa "Kämillik" INDIKI STANSIÝA «KÄMILLIK»



«Ýyllar» atly polat ýoly atlanyp,
«Ömür» atly otly barýar alñasap.
Otyryn yranyp otlyñ badyna,
Ýöredip otyryn menzile hasap.
«Dünýä» atly uly wokzala gelip,
Bu otla atlanyp gaýdalym bäri,
Telim duralgada eglenip geçdim,
«Çagalyk» atlydy şolaryñ biri.

Gördüm şonda saryýagyz bir gelniñ,

Garagolja ogly gelip perrona,
Eljagazyn bulap,
nazaryn dikip
galdy
meni alyp barýan wagona.

Görüp galdym elindäki taññyry,
Beýleki elinde bir bölek sabyn…
Ol şeýle bir eziz geldi didäme;
Soraşybam ýetişmedim oñ tabyn.

Otly bolsa «Oglanlykda» sägindi,
Ýene-de perronda hälki «göwni hoş» –
Egninde çöwürilip tikilen kostýum,
Aýagynda bolsa bir ýyrtyk galoş.

«Sergezdana» meñzejekmiş hamana,
Burnunyñ etegne çalypdyr gara.
Gözler oýnaklaýar,
kalbynda bolsa
Kemsitmeler galdyrsa-da kän ýara.

Şakyrdaklap sogrup äkitdi otly
Telim «Razýezdleñ» ýol aýrydyna.
Olañ borjam hut manysy ýalydy;
Parh goýdurdy olar oýuna-çyna.

Durup ýol berildi ençeme otla:
Meñ otlymdan ençe wagon aýryldy;
Armanmy, hyjuwmy, yhlasmy, höwes,
Göz ýetirdim, haýsysy şer-haýr indi.

Şonda çola duýdum oturan «küpäm»,
Otly «Ýigitlige» gelip sägindi.
Bir ýolagçy peýda boldy ýanymda; –
Men indi ýeke däl, taýlydym indi.

Ýoldaş bolsa ýoluñ müşgüli näme,
Ýakymly, lezzetli ähli aladam;

Şükür, ýolagçylar köpelip barýar –
Röwşen, Eziz, Baky hem Ajap Yslam.

Gurban REJEBOW. Goşgular